# Özi hakda goşgy ýazmagy haýyş eden adama

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Özi hakda goşgy ýazmagy haýyş eden adama ÖZI HAKDA GOŞGY ÝAZMAGY HAÝYŞ EDEN ADAMA

Saldamly,
Saýhally sözleri saýlap,
Galamdyr kagyzly uzak oturdym.
Bogunlañ, kapyýalañ başyny aýlap,
Stoluñ başynda dañym atyrdym.

Gözleriñe paýhas sürtjek bolýan,
Juda-juda çemeçil señ gözleriñ.
Sözleriñe paýhas sürtjek bolýar,
Duzsuz tagam ýaly seniñ sözleriñ.

Ýaz ýaly ýigit ol diýäýjek welin,
Ýüzüme urýar çapgyn şemaly gyşyñ.
Amanat geýilen don ýaly asyl,
Bähbit arap, ýalynjaklap ýylgyrşyñ.

Ilhalar adam ol diýeýin diýsem,
Bir özüñi bilýäñ hoş günüñ bilen.
Biz haýran, illere akyl berýärsiñ
Doldurmasy çetin boşlugyñ bilen.

Asylly, mylaýym ýigit diýmäge
Dilim öwrülenok, düwünjek bolýan.
Emeldarrak kişiñ ýanna baranda,
Kiçelip, dermanly düwünçek bolýañ.

Ynha, özüñ hakda ähli diýjegim,
Mundan başga bir söz dile gelenok.
Şu goşgyny ýazmasam hem boljakdy,

Nätjek-dä, ýüzdenem geçip bolanok.

Gurbanýaz DAŞGYNOW. Goşgular